***Mälim bolşy ýaly, gurýan, döredýän döwlet kuwwatlydyr. Şoňa görä-de, şähergurluşygyň milli nusgasy hökmünde ykrar edilen Arkadag şäheri guwandyryjy ösüşlerimiziň, milli döwletlilik ýörelgelerimiziň dabaralanýandygynyň aýdyň güwäsidir. Sebitde deňi-taýy bolmadyk bu şäher türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň binagärlik paýhasyndan we yzygiderli tagallasyndan kemal tapdy.***

Ähli babatda nusgalyk Arkadag şäheri dünýä binagärliginiň öňdebaryjy gazananlaryny we tehniki üstünlikleri özünde jemleýär. Ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda bolşy ýaly, Arkadag şäheriniň gurluşyk senagatynda amala aşyrylýan işler hem häzirki döwrüň talabyna doly laýyk gelýär. Bu «akylly» megataslama häzirki zamanyň ýaşamak we işlemek, dynç almak üçin iň amatly şäherleriniň biri hökmünde bütin dünýäde ykrar edilýär. Muny «akylly» şäheriň häzirki wagta çenli halkara sylaglaryň ençemesine mynasyp bolmagy hem aýdyň tassyklaýar.

Mälim bolşy ýaly, gysga wagtyň içinde Arkadag şäheri ýaşlygyň we ýaşlaryň, geljegiň we giň mümkinçilikleriň şäherine, halkara derejeli forumlaryň geçirilýän iri merkezine öwrüldi. Şol sanda bu şäher ýaşlaryň döredijilik başlangyçlarynyň durmuşa ornaşdyrylýan, hünär kämilligini artdyrýan özboluşly meýdançasydyr. Arkadag şäherine «geljegiň şäheri» diýilmegi maksadalaýykdyr. Sebäbi adamlaryň ýaşaýyş-durmuşyny gowulandyrmak, bilimiň, sanly maglumatlaryň elýeterliligini üpjün etmek, ekologiýa ýetirilýän ýaramaz täsirleriň öňüni almak, «ýaşyl» ykdysadyýeti ornaşdyrmak, adamlar üçin oňaýly iş şertlerini döretmek bütin dünýäde möhüm wezipeleriň hatarynda durýar. Arkadag şäherinde bolsa bu maksatlaryň ählisi göz öňünde tutuldy, olar sanly tehnologiýalar, innowasion çözgütler bilen utgaşdyryldy.

Gojaman Köpetdagyň eteginde seleňläp oturan Arkadag şäheri döwrebap ýaşaýyş toplumlaryny, durmuş hem önümçilik maksatly desgalary özünde jemleýär. Maglumat hökmünde belläp geçsek, täze şäheriň gurluşygynyň birinji tapgyrynda medeni-durmuş we beýleki maksatly desgalaryň 336-sy gurlup ulanmaga berildi. Munuň özi «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgeleriň dabaralanýandygynyň aýdyň beýanydyr.

**Guwanç REJEPOW,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň Içerki goşunlar fakultetiniň harby tehnikalar we awto taýýarlygy kafedrasynyň mugallymy, içerki gullugyň podpolkownigi.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026